# Kyýamat kitaphanasy döredildi

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kyýamat kitaphanasy döredildi

KYÝAMAT KITAPHANASY DÖREDILDI

Norwegiýada kyýamatdan soňra hem barlygyny dowam etdirip biljek eserlerden düzülen "kyýamat kitaphanasy" döredildi.
Norwegiýanyň Swalbarg arhipelagynda bütindünýä ösümlik goruny gorap saklamak üçin gurulan Swalbarg global tohumlyk stansiýasynyň ýakynynda gurlan kitaphana "dünýäniň iň gymmatly kitaplaryny" kyýamatdan soňra hem gorap saklamagy maksat edinýär.
"Dünýäniň arktiki arhiwi" diýip atlandyrylan we ýadro partlamalaryna çydamly edip gurulan bu "külbede" has ygtybarly hasap edilen sanly (цифровой) filmler ulanylýar.
Eserleriň nusgalary kitap görnüşinde çap edilen ýa-da kinniwanja disklerde däl-de, has ösen tehnologiýa eýe bolan sanly filmlerde saklamak göz öňünde tutulýar. Şeýlelikde "Magdan-3" ady berilen magdanyň içindäki doňdurylan topragyň içinde saklanjak sanly filmler kebşirlenen gyzgynlykda saklanyp, doly ýitip gitmekden goralar. "Bütindünýä Arktiki arhiwiniň" işgäri Kartrine Loen Thomson "Tehnologiýany ulanmak arkaly maglumatlary müň ýyla çenli gorap saklajagymyza ynanýarys" diýip beýannama berdi.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

Geň-taňsy wakalar